# Öwgi / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Öwgi / satiriki hekaýa ÖWGI

Sähetgylyç sütüni süýnüp işden geldi. Aýaly sessiz-üýnsüz çaý-naharyny öňünde goýdy. Saçak, gap-gaç hemişekisi ýaly, tämiz. Iňňäniň gözi kimin kirjagaz tapaýmarsyň. «Bu tarapyna zordur, keýwany. Häzir-ä, nassreniýesi gowy. Her gün şeýle bolaýmal-a. Onsoň gözüňe ezip içäýmeli perizat bolubam görünýä».
Onuň göwni göterildi, öňündäki zatlara işdämen topuldy. Birdenem… Aýalynyň agzyny-burnuny towlaşdyryp goýberenligini gözüniň gyýtagyny aýlanynda gördi. Ini dyglap gitdi, işdäsi zym uçan ýaly bolup, tas düwnüpdi. Çemçesi agzyna ýetmän, doňup galdy. Arman, käte igesini sürtmesem bar-da.
– Jeren janyň dädesi diýýän-ä…
– Gulagym sende, ejesi.
– Gördüňmi. Gara çaşşyň jaýyny?
– Aý…
– Şalaryň köşgüne çalymdaş. Depseň yranmaz baý kişi. Aýaly elini sowuk suwa uranokmyş.
– Ah-ymm…
– Iliň-ä gazanç çeşmesiniň gözi açylypdyr. Gurban näme, düýnki sümükli, şolam ýüň daraýan maşyn alypdyr. Kireýine iliň ýüňüni daraýa. Pul ýagyş bolup ýagýa üstlerine. Aýaly meniň toýdalyk köýneklerimi öýünde geýýä. Çakan ýirigem bir süri goýun edinipdir. Aýalynyň endam-jany gyzyldan lowurdap dur. Wah, haýsy birini sanap çykjak. Ölermiň-ýitermiň, boýy bir garyş Kemaljygy diýsene. Dükan açyp, söwda edýä. Aýaly görende zordan salamlaşýa. Är diýeniň şolaryňky ýaly, girdejili bolsa… Haý, dünýe, heý… Sen-ä bir erni suwly. Şujagaz günüňe razy. Erkek kişi alyjy gurda meňzese ýagşy.
Keýpine sogan dogralan Sähetgylyç iki eli bilen gulaklaryny ýapdy, mundan aňry aýalynyň sözlerini eşitmek islemedi. Ol şeýdipt, esli mahal doňnaradaş bolup oturdy, haçan-da aýalynyň agzynyň gymyldysy galanda ellerini gulaklaryndan aýyrdy.

Pytraññy pikirlerini çugdamlan şekilli, gobsundy:
– Jeren janyñ ejesi diýýän-ä.
– Yh-ymm… Aýdybersene, içýakgyç.
– Gözel kirli bar-a, şo halylaryny satyp daşary ýurt maşynyny alypdyr. Äri hezil edip, sürüp ýör.
– Wiý, neme…
– Selbi näme, görk-görmegem ýok görgüliniñ. Gije-gündiz ýatman, ik egrip, ýumaklaryny satdy-da, ärine gözüñ ýagyny iýip barýn penjek-balak äberdi. Baş atyp, zordan alýa salamyñy ärsumagy.
– Ä-ä-ä…
– Iliñ äriniñ-ä mañlaýy daş ýarýa. Sary keliñ aýaly tikin tikip, egin-eşik satyp gulplandy. Äriniñ elleri zenanlaryñ ellerindenem näzijek. Wah, haýsy birini sanap çykjak. Aýal diýeniñ şolaryñky ýaly…
Sähetgylyjyñ aýaly oña tarap topuldy. Gelip agzyny tutdy: «Gi… gir… de… ji…»
Aýaly onuñ agzyny has berk gysdy, yzyny aýtdyrmady. Haçan-da sesi galanda turdy-da, beýleki otaga gidiberdi.
Sähetgylyç bir ýyrşardy-da, ümsümje nahar symyşlamaga başlady.

Annatagan NURGELDIÝEW. Satiriki hekaýalar